# Basyp giden yzlaryňdan

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Basyp giden yzlaryňdan BASYP GIDEN YZLARYŇDAN



Aýlansyn jahan gözeli
Basyp giden yzlaryňdan!
Bahaň ýetmez, berse puly,

Çoh edepli gyzlaryňdan.
Müjgänleriň jandan öter,
Senden maňa sütem ýeter,
Gel, imdi nykabyň göter,
Zenahdanly ýüzlerinden!

Munça gynamagyn jany,
Sen-sen gözelleriň hany,
Müjgän-tygyň döker gany,
Gara gaşly gözlerinden.

Saba gelseň güle-güle,
Seýr edeli baga bile,
Owazyň meňzär bilbile,
Toty kibi sözleriňden.

Zynhary diýr, aýtdym sözi,
Munça köydürmegin bizi,
Bar gözele bermen sizi,
Ýüz kereşme näzleriňden.

Abdyrahman ZYNHARY. Goşgular